# Jynlaryň meýlisi / hekaýa

Category: Hekaýalar,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Jynlaryň meýlisi / hekaýa JYNLARYŇ MEÝLISI



Kakam bu hekaýasyna başlanynda meniň durkumy gorky gaplaýardy. Içimden «Meni bir şoň ýaly jynlara ýolukdyraýma» diýip, Alladan dileýärdim.
Düýn agşam daýzam bize myhmançylyga geldi. Agşam nahardan soňra kakam, ejem, daýzam üçüsi çaý başynda öten-geçenden gürleşip otyrdylar. Gep aýlanyp-dolanyp ýene şol jynlar, periler, döwleriň üstünden düşdi. Kakam bolsa ýene-de özüniň gören «jynlaryň meýlisini» gürrüň bermekden saklanyp bilmedi.
Kakamyň bu hekaýasy, ýokarda aýdyşym ýaly meň üçin çendenaşa gorkuly bolany üçin, derrew düşegime geçip, ýorganyma gizlendim.
Kakam maňa seredip ýylgyrdy-da, «jynlaryň meýlisini» gürrüň bermäge başlady:
– Ýaňy öýlenen günlerimdi.
Iş-aladalar bilen, baga öz wagtynda seredip bilmedim. Bir gün wagt tapyp baga bardym, haşal otlar örän ösüpdir, baldagyndan iki garş dagy ösüpdir. Şoň üçin paýalary[1] güýç bilen gönülemeli bolýardym. Baga gatnap başlanymyň dördünji güni az-kem ýagyn ýagdy. Edil ýagyşa garaşyp duran ýaly haşal otlar

öňküsindenem beter ösdi. Men näme edip bolsada bag işinden bu gün dynmakçydym.
Ýüpi azrak alan ekenim. Agşamara ýüp gutardy. Ýüp üçin bazara gideýin diýsemem, bary ýogy birki bag ot galdy, soňra bazara baryp gelýänçäm garaňkam düşjek. Näme etsem bolarka? Kän pikirlenip durman, tut, garasöwüt, tal ýaly agaçlardan ýüp ýasadym. Ýüpleri bilguşagyma gysdyryp, işe başladym. Gün batyp, garaňky gatlyşansoň zordan bag işinden dyndym. El-ýüzümi ýuwup, don-telpegimi geýenimde mazaly garaňky düşüpdi. Bagda işlemäne gelen goňşulardan hiç haýsy galmandy, hemme şähere gidipdi, köçede mör-möjekleriň çyrrylaýşy, gurbagalaryň warryldaýşydan başga ses-seda ýokdy. Men bagdan çykanymda ýassy bolmasa-da şoňa golaýlapdy.
Garaňkyda dürtülip-sürtülip ýola düşdüm.
Kakam daýzama seredip:
– Sen bilýäň, biziň bagyň daş-töweregi gür agaçlyk. Uly ýola çaltyrak ýetmek üçin men şol agaçlaryň içinden ýöredim. Agaçlaryň arasy has garaňky we gorkunçdy. Ýöne men garaňka üns bermän barýardym, ýeke özüm garaňkyda büdüräp kösenýärdim. Uly ýola çykmagym üçin aralykda diňe Hemdem küýzegäriň mellegi galypdy.
Kakam hekaýasynyň şul ýerine ýetip säginen mahaly, men ýorganymy üstüme doly örtüp, gowuja gizlendim. Kakam gürrüňine dowam etdi:
– Birki ädim Hemdem küýzegäriň mellegine tarap ýöredim…
Uzakdan gelýän ýagtylygy görüp, daş-töweregime seredip geň-galmakdan ýaňa duran ýerimde saň-gaty boldum… Öňümdäki meýdandan güýçli nuryň yşygy gelýärdi. Diňe bu däl, adamlaryň wagyrdylary, gürleşişleri, gülüşleri, arasynda dutar, dep, gyjak ýaly saz gurallarynyň pes, ýöne ýürege ýakymly owazlary eşidilýärdi.
Men doňara daş ýaly esli wagt duran ýerimden gymyldamadym. Çyndanam, baý guşlaryň mekany bolan muň ýaly harabada beýle wakaň bolmagy elbetde her adamy geň galdyrýar. Ýogsam men şu gün irdenem bärden geçdim. Bu ýerde meýlis guraljak bolsa irden taýýarlyga başlardylar, ahyryn. Ýaş-ýeleňler gündiz hereket edendir-dä diýdim.
Men meýlis guralýan ýerden geçjek bolup, diwardan bökdym… oho-o, meýdan gündizlik ýaly ýap-ýagty, agaç şahalaryna çyralar asylyp, ýere ýüpek halylar ýazylypdyr. Bir tarapa ak uly semawarlar goýulypdyr, bir gyrada uly gazanlarda nahar bişýär.

Meýdanyň ortasynda ýüze golaý, ýaş-garry adamlar gürrüňleşip otyrlar, dutar, dep, gyjak, naý çalynyp zyýapat edýärler.
Şol mahal bir adam ýanyma ylgap geldi-de zyýapatdakylara garap:
– Ine, Üsar agada geldi- diýip, gygyrdy.
Oturanlaryň ählisi maňa seredip:
– Gel, gel Üsar aga, paýa işinden dyndyňmy?– diýdiler.
Şol wagt olara näme jogap berenim ýadymda ýok, sebäbi gaty aljyraňňydym.
Olar meni öz erkime goýman süýräp diýen ýaly töre geçirdiler. Adatça, bir üýşmeleňe goşulanyňda ilki fatyha okalýardy. Ýöne olaryň her dürli soraglary bilen başagaý bolup fatyha okamagam ýatdan çykdy.
Az kem aýňalamsoň oturanlary synladym. Käbirini nirdedir bir ýerde gören ýaly bolýan… Ünsli seretsem ömrümde görmedik-gabatlaşmadyk ýat adamlara meňzeýär. Ýöne, olaryň meň bilen edil tanyş ýaly gürleşişleri, adymy tutuşlary, eden işlerimi soraýyşlary, hatda hälki ýüp ýasap ýörenimi bilişleri, meni örän geň galdyrdy. Ortada oturanlaryň biri, bilmedim meýlisiň beýemçisi bolsa gerek:
– Üsar agama saçak ýazyň!– diýdi.
Törde oturanlaryň biri oňa garşy çykdy:
– Ilki meýlis guraly, soňra hemmämiz saçak başyna geçeris– diýip, maňa seretdi:– Senem zyýapat küýsänsiň, hä? Öň zyýapata gatnaşypmydyň?– diýip sorady.
Meň garnym aç bolsa-da, myhman bolanym üçin onuň pikirine goşulmakdan başga alajym ýokdy.
Sazandalar saz gorullaryny sazlap başladylar. Saz gurallaryndan tanbur, dutar, gyjak, rubab, naý, dep ýaly saz gurallary maňa tanyşam bolsa ýene men görmedik birnäçe saz gurallarym bardy. Birhili, gamgyn saz çalnyp başlady. Saz göýä jadyly ýalydy… Men ýere syňyp gider ýaly derejede ezilip, ýesirlenip barýardym. Içimde bir tolkun döräp özümi nirä urarymy bilemokdym. Sazandalar henizem hälki gamgyn sazy assa-ýuwaş ýokary depgine galdyryp barýardylar… Ahyry çydap bilmedim, hüňňür-hüňňür agladym…
Näme üçin, nämä aglaýan, özümem bilemok…
Kän agladym. Ahyry saz tamamlandy. Tamamlandy ýöne özi bilen menem tamam etdi. Iki degirmen daşynyň arasynda galan ýaly ýenjildim. Gymyldara-da ýagdaýym ýok. Gözümi açdym. Ýüşmeleňdäkileriň hemmesem edil bir göz bolup meň bolşyma

gülüp seredip duran ýalydy. Men özümden utanyp ýere bakdym.
Sazandalar ikinji sazy çalmaga taýýarlanýardy. Ýöne men ýaňky ýaly sazy diňläsim gelenokdy. Ýüregim gürs-gürs urup başlady. Hälki ýaly sazdan ýene birini diňläýsem, belki ajalymdan öň ölüp, ýer bilen ýegsan bolaryn öýdýärdim.
Ikinji saz başlady. Saz ýaňlanyp-ýaňlanmanka bedenime abyhaýýat suwy guýulan ýaly boldy. Özümde nähilidir lezzet duýdum. Saz örän ýakymlydy.
Şol mahal orta on-bäş, on-alty ýaşlaryndaky gyz çykdy. Onuň saçy büýra-büýra, ýüzi-gözi tegelek, üstünde ýaşyl mahmaldan tikilen owadan köýnek bardy. Birnäçe ädim ätläp ortada ýöredi, aýagyndaky jaňlary jyňňyrdady. Gyz saza goşulyp tans oýnap başlady.
Saz dowam edýär, göýä nepis sazyň owazy gyzy biygtyýar hereketlendirýän ýaly.
Dünýä şadyýanlygyň ruhy ýagýar, ölüler direlip, dagy-daşlar gülüp, ýer silkinip, ýyldyzlar uçuşýan ýalydy.
Şadyýanlygym ýüregime sygmady. Öz erkim bilen däl, nähilidir bir güýç oturan ýerimden turuzdy.
Gyzyň ýanyna baryp menem tans oýnap başladym.
Ejem bilen daýzam saklanyp bilmän güldüler.
Meň göz öňüme kakamyň tans oýnaşy geldi.
Kakam dowam etdi:
– Şeýle, men tans oýnadym. Nädibem bolsa gyz bilen bile oýnamaga synanýan. Gyz meň bilen az-kem oýnansoň ortadan çykyp bir gyra çekildi. Ýöne men oýnamagy bes etmedim, bes etmek aklymada gelmedi.
Adamlar üýşüp durlar, meň üstümden gülýän ýaly gyryşyp, agyz-burunlaryny gyşardyşýarlar, ýöne men olara pitiwa etmän tansyma dowam edýän…
Bir mahal nämedir bir zada büdüräp ýere ýykyldym. Özümi dürsäp ýene oýnajak boldum, bu sapar yzlykkan ýykyldym.
Birnäçe wagtdan soň ýerimden galyp, gözümi açyp töweregime seretdim…
Töwerekde ne adamlar, ne sazandalar ne-de başka zatlar– hiç kim, hiç zat ýokdy!… Tüm garaňkylyk, bir salmaň içinde durun.
***

Men kakamyň bu gören hadysasyny mugallyma gürrüň berdim. Güldi:
– Güýçli gorky, wehim– diýdi.

– Çyndanam güýçli gorkumy, adam güýçli gorksa nähili hadysa bolup geçýär?– diýip soradym. Mugallym:
– Indiki anna güni çagalara bu hakynda sapak bererin, senem şol sapaga gatnaşsaň güýçli gorkyň näme zat bolýandygyny öwrenersiň!– diýdi.
Men elbetde anna güni mekdebe baryp mugallymdan gorkyň adamda döreýşini öwrenerin. Wagtyňyz bolsa anna güni sizem hökman baryň!

---

*[1] Paýa (pa:ýa] Söýget üçin miweli agaçlara we ş.m urulýan haçjaly agaç, direg. (Seret: TDDS)*

Abdylla KADYRY
1923 ý.

Terjime eden: Saparmyrat GÜRGENÇLI Hekaýalar